**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda 832 san bilen bellige alynan**

**Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2015-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndaky 1-Ö belgili buýrugy bilen tassyklandy**

# Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň harçlanylyşyna gözegçilik etmegiň tertibi

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň harçlanylyşyna gözegçilik etmegiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) „Türkmenistanyň býujet ulgamy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda çykaran 10798-nji karary bilen tassyklan Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hakynda Düzgünnama hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň, býujetden daşary serişdeleriniň hasabyna nagt hasaplaşyklary geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna çykdajylar her bir ministrlik, pudak edarasy, kärhanasy, guramasy we edarasy (mundan beýläk - býujetden sarp edijiler) boýunça tassyklanan çykdajy sanawlaryna laýyklykda geçirilýär.

3. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň pulhanalaýyn ýerine ýetirilişi boýunça amallaryň hasabyny Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Gazna müdirligi we onuň welaýat, etrap, şäher bölümleri (mundan beýläk – Gaznaçylyk) ýöredýär. Gaznaçylyk hasaplaryna bank tarapyndan hyzmat edilmegini ygtyýarly banklar amala aşyrýarlar.

4. Şu Tertip Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň toparlara bölünişiniň bellenen maddalary boýunça, degişli býujetleriň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýyllyk ýazgysynyň çärýekleýin paýlanyşynda göz öňünde tutulan serişdeleriň çäklerinde (býujetiň ýerine ýetirilişiniň barşynda oňa bellenen tertipde girizilen üýtgetmeleri hasaba almak bilen) we çykdajylaryň her bir görnüşi üçin hereket edýän ölçegleri we bellenen möçberleri hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

5. Býujet serişdelerini sarp etmeklige gözegçiligi we jogapkärçiligi býujetden sarp edijileriň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenýär.

## II. Zähmet haklaryny we beýleki nagt görnüşindäki çykdajylary maliýeleşdirmek

6. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdelerini býujetden sarp edijiler Gaznaçylyga bank amallaryny geçirmek üçin bellenen görnüş boýunça ýolbaşçy tarapyndan tassyklanan, töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçynyň we baş buhgalteriň gollarynyň nusgalaryny, möhüriň şekili bilen bilelikde berýärler.

Diňe töleg resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan ýolbaşçynyň we baş buhgalteriň çalşyrylan wagtynda gollaryň nusgalary täzeden berilýär.

7. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan (takyklanan) býujetiň çäklerinde harçlamagyň tertibine-maliýeleşdirmegiň meýilnamasyna laýyklykda karzlar açylýar. Gaznaçylyk býujet toparlanmasynyň esasy topary, topary, kiçi topary, maksatlaýyn madda, madda, kiçi madda boýunça geçirilen pul möçberleriniň kassa çykdajylaryny her bir býujetden sarp edijiler boýunça hasabyny ýöredýär.

8. Býujet serişdeleriniň sarp edilişine gözegçilik etmek boýunça işleri guramagy üpjün etmek maksady bilen, býujetden sarp edijileri maliýe edarasy tarapyndan tassyklanan, çärýeklere bölünen bir ýyllyk Meýilnamalaýyn býujet serişdelerini bölüp bermek barada kepilnamany (1-nji goşundy) banklara berýärler. Bölünip berilýän serişdelere üýtgetmeler girizilen ýagdaýynda, kepilnama takyklanan meýilnama laýyklykda her çärýekde berilýär.

9. Taýýarlanan töleg resminamalaryny býujetden sarp edijiler tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligine, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe müdirliklerine berýärler. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tölege hödürlenen resminamalary, çekleri, açylan serişdeleriň çäklerinde, satyn alynýan harytlaryň we edilen hyzmatlaryň bahalaryna, sarp ediş kadalaryna gözegçilik edýär. Hödürlenen resminamalar ýokarda agzalan şertlere laýyk gelmedik ýagdaýynda býujetden sarp edijilerine gaýtarylýar.

10. Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň serişdelerini sarp etmeklik bölünip berlen serişdeleriň çäklerinde diňe zähmet hakyny, kömek pullaryny, talyp haklaryny we beýleki nagt görnüşinde tölenýän (iş sapary çykdajylary, 62 ýaşan raýatlara berilýän pul sowgady, Halkara zenanlar güni mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan berilýän pul sowgatlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça sylaglamak we baýrak bermek bilen baglanyşykly bir gezeklik tölegleri) tölegler degişli býujetiň hasabyndan geçirilýär.

## III. Zähmet hakyny tölemek üçin merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň serişdelerini sarp etmegiň aýratynlyklary

11. Býujetden sarp edijiler çärýek başlanmazyndan bir aý öňünden Türkmenistanyň Maliýe ministrligine we onuň ýerlerdäki edaralaryna zähmet hakyny, kömek pullaryny we talyp haklaryny tölemek üçin nagt puluň bölünip berilmegi barada çärýekleýin pulhana ýüztutmasyny berýärler. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi pulhana ýüztutmasynyň çykdajy sanawynda we tassyklanan (takyklanan) býujetde göz öňünde tutulanlara hem-de wezipe sanawyna laýyk gelýändigini barlaýar. Pulhana ýüztutmasy ýokardaky agzalanlara laýyk gelmedik ýagdaýynda býujetden sarp edijilerine gaýtarylýar.

12. Töleg möhletinden 3 (üç) iş gün öň býujetden sarp edijileri býujet, býujetden daşary hasaplardan we ýitgili meýilleşdirýän kärhanalaryň hasaplaryndan nagt serişdeleriň berilmegi üçin çekler bilen bilelikde degişli pudak

müdirliklerine zähmet hakyny, kömek pullaryny we talyp haklaryny tölemek üçin hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnamalary berýärler. Hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnama býujetden sarp edijisiniň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň gollary we edaranyň tugraly möhüri bilen tassyklanýar, olaryň ýanyna Zähmet hakyny tölemek üçin hakyky zerur bolan pul serişdeleri barada kepilnama (2-nji goşundy), Býujet edaralarynyň işgärlerine kömek pullaryny tölemek üçin hakyky zerur bolan pul serişdeleri barada kepilnama (3-nji goşundy), Talyp haklaryny tölemek üçin hakyky zerur bolan pul serişdeleri barada kepilnama (4-nji goşundy) goşulýar. Töleg sanawnamasynyň hasaplanylyşyna we düzülişine, býujetden sarp edijiniň ýolbaşçysy we baş hasapçysy jogapkärçilik çekýär.

13. Gaznaçylyk berlen kepilnamanyň pulhana ýüztutmasyna we töleg sanawnamasynyň jemine laýyk gelýändigini, şeýle hem berlen çek boýunça býujetden sarp ediji tarapyndan alynýan pul möçberleriniň we möhletleriniň hakyky zerur bolan nagt serişdeler baradaky kepilnama dogry gelýändigini barlaýar. Görkezilen resminamalar dogry bolan ýagdaýynda degişli pudaklaýyn we Gaznaçylygyň jogapkär işgäri tarapyndan bu barada kepilnamada bellik edilýär we ýerine ýetirmek üçin kabul edilýär. Pulhana ýüztutmasy we hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnama gazna bölüminde saklanýar. Töleg sanawnamasy edara gaýtarylýar. Laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylan halatynda çek ýerine ýetirmek üçin kabul edilmeýär we ähli hödürlenen resminamalar býujetden sarp edijisine gaýtarylýar.

14. Býujetden sarp edijileri çärýek başlanmazyndan 5 (bäş) iş gün öňünden hyzmat edýän banklara maliýe edarasy bilen ylalaşylan Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar tarapyndan zähmet hakyny tölemek üçin býujet serişdelerini peýdalanmak üçin çäkli möçber barada kepilnama (5-nji goşundy) berýärler.

15. Banklar tarapyndan zähmet hakyny tölemek üçin serişdeleri bermek diňe çekde görkezilen, çäkli möçber kepilnamasynda tassyklanan pul möçberinde amala aşyrylýar we zähmet haky üçin bölünip berlen serişdeleriň hasaba alynýan kartoçkasynda (6-njy goşundy) bellige alynýar. Zähmet haky üçin bölünip berlen serişdeleri başga maksatlar üçin sarp etmek gadagan edilýär.

16. Her çärýekde býujetden sarp edijileriniň hem-de banklaryň maglumatlarynyň deň gelýändigini barlamak üçin, şeýle hem zähmet hakyny tölemäge gönükdirilen serişdeleriniň peýdalanyşyna gözegçilik etmek üçin býujetden sarp edijileri banka we maliýe edarasyna Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar tarapyndan zähmet hakyny tölemek üçin býujet serişdeleriniň peýdalanylyşy barada kepilnama (7-nji goşundy) berýärler.

17. Banklar berlen kepilnamanyň pulhana ýüztutmasyna laýyk gelýändigini, şeýle hem berlen çek boýunça döwlet kärhanasy tarapyndan alynýan pul möçberleriniň we möhletleriniň hakyky zerur bolan nagt serişdeler baradaky kepilnama laýyk gelýändigini barlaýarlar. Görkezilen resminamalar laýyk gelen ýagdaýynda bankyň jogapkär işgäri tarapyndan bu barada kepilnamada bellik edilýär we ýerine ýetirmek üçin kabul edilýär. Pulhana ýüztutmasy we hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnamanyň 1 nusgasy bankda saklanýar. Laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylan halatynda çek we ähli resminamalar ýerine ýetirilmän býujetden sarp edijä yzyna gaýtarylýar.

18. Merkezleşdirlen we ýerli býujetden maliýeleşdirilýän merkezleşdirlen düýpli maýa goýum serişdeleri, düýpli abatlaýyş we beýleki çykdajylary Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan taýýarlanan tertiplere laýyklykda amala aşyrylýar.

## IV. Döwlet býujetiniň serişdeleriniň sarp edilişi barada hasabatlylyk

19. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Maliýe ministrligine gündelik hasabat berýär (746-njy belgili görnüş), onda welaýatlara we Aşgabat şäherine bölmek bilen merkezleşdirilen býujetiň girdejileri we çykdajylary barada, welaýatlara we Aşgabat şäherine bölmek bilen ýerli býujetleriň hasaplarynda serişdeleriň galyndysy barada maglumat görkezilýar.

20. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýatlardaky şahamçalary şonuň ýaly maglumatlary Gazna müdirliginiň welaýatlardaky bölümlerine we Türkmenistanyň Merkezi bankyna berýärler. Bu hasabatlylykda maglumatlar şäherlere we etraplara bölmek bilen görkezilýär.

21. Hyzmat edýän banklar gazna hasaplaryndan göçürmeleri gazna bölümçelerine berýärler we olar bilen maglumatlary deňeşdirip barlaýarlar.

22. Etrap gazna bölümçeleri her günde ýokarda durýan gazna bölümine öz hasabatyndan gelen girdejileriň we geçirilen çykdajylaryň umumy möçberini habar berýärler.

23. Welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki gazna bölümleri, maglumatlary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýatlardaky şahamçalary bilen deňeşdirilip barlanandan soň, gelen girdejileriň we geçirilen tölegleriň welaýat boýunça umumy möçberleri barada hasabaty Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berýärler.

24. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi barada gündelik we buhgalterçilik hasabatlaryny düzýär.

## V. Beýleki çykdajy maddalary boýunça serişdeleri peýdalanmak

25. Banklar tarapyndan býujetden maliýeleşdirilýän gurluşyklar we desgalar boýunça taslama-çykdajy sanaw resminamasy, seljeriş müdirligiň oňyn netijenamasy, buýrujylar tarapyndan berilýän potrat şertnamalary bar bolanda, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi tarapyndan tassyklanan jikme-jik sanawyň esasynda maliýeleşdirilýär, gurluşykda we düýpli abatlaýyşda maliýe, töleg, taslama çykdajy sanaw düzgün-nyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik edilýär.

26. Gidrotehniki desgalary (hojalygara suwaryş we şor suw akabalary, gaçylary we beýleki) arassalamak we abatlamak boýunça ýerine ýetirilen mehanizirlenen işleri kabul etmek baradaky güwänama geçirilen işleriň we olar tamamlanandan soň gurallar arkaly geçirilen ölçegleriň esasynda düzülýär.

Gurallar arkaly geçirilen ölçegleriň we ýerine ýetirilen işleriň möçberleriniň güwänamalarda we ulanylýan suw hojalyk desgalarynyň taslama çyzgylarynda görkezilen möçberlerine laýyk gelýändigi maliýeleşdiriji bank tarapyndan barlanýar, barlanan resminamalar bankyň möhri bilen tassyklanylýar.

27. Bank edaralary döwletiň merkezleşdirilen maýa goýumlary, düýpli abatlaýyş we gündelik çykdajylar boýunça ýerine ýetirilen işleriň gözegçilik ölçeglerini geçirýärler.

28. Döwletiň merkezleşdirilen maýa goýumlaryny, düýpli abatlaýyş işlerini we gündelik çykdajylary maliýeleşdirmek boýunça amallara hyzmat etmek üçin Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen banklaryň arasyndaky şertnamalara laýyklykda 1 gözegçilik ölçeg görnüşi boýunça hasabatyň berlen gününden soň 5 (bäş) iş gün möhletde işleriň gözegçilik ölçeglerinde kesgitlenen ýokarlandyrylan möçberleriniň 5 (bäş) göterimi möçberinde, özara bergini hasap etmek (bankyň elektrik energiýasy, ýangyç-çalgy ýag materiallary, aragatnaşyk, ulag hyzmatlary üçin bergileri üzmeginiň hasabyna) ýoly bilen, şu desga bölünip berlen serişdeleriň bellenen çäginde geçirilýär.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
1-nji goşundy

TASSYKLANDY
Maliýe edarasy
F.A.A. ________________

M.Ý.

**Meýilnamalaýyn býujet serişdelerini bölüp bermek barada**
**KEPILNAMA**

20___ ýyl

Edaranyň ady ______________________________ Hasabyň belgisi_______________
Bank edarasynyň ady __________________________

| Kiçi maddalaryň ady | Möçberi (manat) | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Bir ýylda jemi | I çärýek | II çärýe k | III çärýek | IV çärýek |
| 1.<br>2. | | | | | |

Edaranyň ýolbaşçysy ___________________
(goly)
Baş buhgalter ____________________
(goly)

M.Ý.

201__ ý „___“ ___________

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
2-nji goşundy

**Zähmet hakyny tölemek üçin hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnama**

20___ ý _________ aýy üçin

_______________________________ boýunça
(ministrlik, pudak edarasy, edara)

Kepilnamanyň düzülen senesi 20___ ýylyň „__“ ___________
Tassyklanan wezipe sanawy boýunça işgär sany ________________ adam
Kassa ýüztutmasy boýunça tassyklanan zähmet haky gory _________manat

Hakyky işgär sany _________________________ adam
Kassa ýüztutmasynyň berlen senesi 20___ „___“ __________
Töleg sanawnamasy boýunça hasaplanyp ýazylany 20___ ý ____ aýy
________________ manat*

- esasy zähmet haky ______________________ manat
- kanunçylyga laýyklykda goşmaça hak ______________________ manat
- kadalaşdyrylmadyk iş güni üçin töleg ______________________ manat
- döredijilik işgärleriniň galam haky ______________________ manat
- ______________________ manat

Jemi: ______________________ manat

Tutumlar**

- girdeji salgydy ______________________ manat
- şäheri abadanlaşdyrmak ______________________ manat
- pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlar ______________________ manat
- saglyk ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlar ______________________ manat
- kärdeşler arkalaşygyna gatançlar ______________________ manat
- partiýa agzalyk gatançlary ______________________ manat
- alimentler ______________________ manat
- beýleki tutumlar ______________________ manat
- Töleg sanawnamasy boýunça hakujy ______________________ manat

Jemi: ______________________ manat
Berilmeli möçberi (pul möçberi san bilen we ýazmaça görkezilýär) ________
____________________________________________________________
Çegiň belgisi ______________

Edaranyň ýolbaşçysy (goly) Gazna we pudaklaýyn bölüminiň jogapkär işgäriniň
Baş buhgalter (goly) berlen resminamalaryň laýyk gelýändigi baradaky belligi
M.ý. Gazna bölüminiň jogapkär işgäriniň familiýasy we goly
Gazna bölüminiň dörtburç möhüri

*, ** Zähmet hakyny hasaplap ýazmagyň ähli görnüşleriniň doly aýdyňlaşdyrmasy getirilýär.

Bellik: Şu tertibiň 2-nji goşundysynda Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmen Döwlet serhet gullugynyň, Türkmenistanyň milli howpsyzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlyk gullugynyň, Türkmenistanyň Migrasiýa gullugynyň, Türkmenistanyň Gümrük gullugynyň işgärleriniň meýilnama boýunça stat birligi we hakyky işgär sany görkezilmeýär.

Eger kepilnama hakujy almak üçin düzülýän bolsa, onda bu barada kepilnamanyň başynda bellik edilýär.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň

serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
3-nji goşundy

# Býujet edaralarynyň işgärlerine kömek pullaryny tölemek üçin hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnama

201__ ý _________ aýy üçin

______________________________ boýunça
(ministrlik, pudak edarasy, edara)

Kepilnamanyň düzülen senesi 201__ ýylyň „__“ ___________

Kömek puly alýan işgärleriň sany _________________________ adam
Sanawnama boýunça hasaplanyp ýazylan kömek puly 201__ ý ____ aýy
____________________________________________________ manat

Berilmeli möçberi (pul möçberi san bilen we ýazmaça görkezilýär) ________
___________________________________________________________
Çegiň belgisi ______________

Edaranyň ýolbaşçysy (goly)
Baş buhgalter (goly)
m.ý.

Gazna we pudaklaýyn bölüminiň jogapkär işgäriniň berlen resminamalaryň laýyk gelýändigi baradaky belligi

| | |
|---|---|
| Gazna bölüminiň dörtburç möhüri | Gazna bölüminiň jogapkär işgäriniň familiýasy we goly |

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
4-nji goşundy

**Talyp haklaryny tölemek üçin hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnama**

201__ ý _________ aýy üçin

______________________________ boýunça
(ministrlik, pudak edarasy, edara)

Kepilnamanyň düzülen senesi 201__ ýylyň „__“ ___________

Talyp hakyny alýanlaryň sany _________________________ adam
Sanawnamasy boýunça hasaplanyp ýazylan talyp haky 201__ ý ____ aýy
__________________________________________________ manat

**Tutumlar:**

| | |
|---|---|
| Kärdeşler arkalaşygyna gatançlar: | manat |
| Saglyk ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlar: | manat |
| Ýaşlar guramasynyň agzalarynyň tölegi: | manat |

**Jemi:**

Berilmeli möçberi (pul möçberi san bilen we ýazmaça görkezilýär) ________
____________________________________________________________
Çegiň belgisi ______________

Edaranyň ýolbaşçysy (goly)
Baş buhgalter (goly)
m.ý.

Gazna bölüminiň jogapkär işgäriniň
berlen resminamalaryň laýyk gelýändigi baradaky belligi

Gazna bölüminiň jogapkär işgäriniň familiýasy we goly

Gazna bölüminiň
dörtburç möhüri

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
5-nji goşundy

**Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar tarapyndan zähmet hakyny tölemek üçin býujet serişdelerini peýdalanmak üçin çäkli möçber barada kepilnama**

201___ ýylyň ____ çärýegi

Edaranyň ady ______________________________ Hasabyň belgisi __________
Bank edarasynyň ady ___________________________

manat

| Görkezijiler | Işgärler üçin | |
|---|---|---|
| | Wezipe sanawy | Işgär düzüminden daşary (sanawdan daşary) işgärler |
| 1 | 2 | 3 |
| 1. Zähmet haky üçin býujet serişdeleriniň çykdajy sanawy boýunça tassyklandy (bellenen tertipde girizilen üýtgetmeleri hasaba almak bilen) | | |
| 2. Işgär sany | | |

Edaranyň ýolbaşçysy _____________
(goly)
Baş buhgalter _____________
(goly)

M.ý.
201_ ý „___“ __________

Maliýe edarasy bilen ylalaşyldy
___________________
(jogapkär işgäriň goly)

M.ý.

201_ ý „___“ __________

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
6-njy goşundy

____________________
(bank edarasynyň ady)

Işgärler boýunça bellige alyş kartasy
№_________ Sene _______

**Zähmet haky üçin bölünip berlen serişdeleriň hasaba alynýan KARTOÇKASY**

Hasabyň belgisi _____________ 201 __ ý ______ çärýegi üçin

Çärýek üçin tassyklanan zähmet haky gory _________________________
Zähmet haky gorunyň üýtgemegi artmagy(+); azalmagy (-)___________
Geçen çärýekde geçirilmedik salgytlaryň galyndysy, ___ jemi, manat _____
şol sanda işgär düzüminden (sanawdan) daşary işgärler, manat _______
tassyklanan zähmet haky gorunyň çäklerinde.

**ŞU ÇÄRÝEGIŇ HASABYNA BERLENI**

(manatda)

| sanawdaky ýa-da işgär düzümindäki işgärler boýunça | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Sene | Nagt | Geçirme | Sene | Nagt | Geçirme | Sene | Nagt | Geçirme |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Çärýek boýunça jemi

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna

gözegçilik etmegiň tertibine
7-nji goşundy

**Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar tarapyndan zähmet hakyny tölemek üçin býujet serişdeleriniň peýdalanylyşy barada**
**KEPILNAMA**

201___ ýylyň ____ çärýegi

Edaranyň ady ______________________________ Hasabyň belgisi__________
Bank edarasynyň ady ___________________________

manat

| Görkezijiler | Işgärler üçin | |
|---|---|---|
| | Wezipe sanawy | Işgär düzüminden daşary (sanawdan daşary) işgärler, tassyklanan zähmet haky gorunyň çäklerinde |
| 1 | 2 | 3 |
| 1. Zähmet haky üçin býujet serişdeleriniň çykdajy sanawy boýunça tassyklandy (bellenen tertipde girizilen üýtgetmeleri hasaba almak bilen) ...............<br>2. Hasabat çärýeginde zähmet haky üçin jemi peýdalanylan serişdeler .............................<br>olardan:<br>3. Çärýegiň başyndan bäri nagt pul bilen alnany ..............<br>4. Geçirilen tutumlar we geçirilen geçirmeler ................<br>5. Maglumatyň berlen güni alynmaga degişlisi (set.2-set.3 – set.4) .................................. | | |

Edaranyň ýolbaşçysy ____________

Baş buhgalter ____________

Bank tarapyndan barlandy
201__ ý „__“ _________
gollar

M.ý.
201_ ý „___“ __________

- Býujetden sarp edijileri bank guramasy bilen ylalaşylan bir görnüşini maliýe müdirliklerine tabşyrmaly.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň
serişdeleriniň harçlanylyşyna
gözegçilik etmegiň tertibine
2-nji goşundy

**Zähmet hakyny tölemek üçin hakyky zerur bolan nagt pul serişdeleri barada kepilnama**

2016 ý fewral aýy üçin

Döwlet weterinariýa gullugy boýunça
(ministrlik, pudak edarasy, edara)

Kepilnamanyň düzülen senesi 2016 ýylyň „25“ fewral aýy
Tassyklanan wezipe sanawy boýunça işgär sany 38.5 adam
Kassa ýüztutmasy boýunça tassyklanan zähmet haky gory 49725 manat

Hakyky işgär sany _____36______ adam

Kassa ýüztutmasynyň berlen senesi 20___ „___“ __________
Töleg sanawnamasy boýunça hasaplanyp ýazylany 20___ ý ____ aýy
_49343,45_______________ manat*

- esasy zähmet haky _____46715,30______ manat
- kanunçylyga laýyklykda goşmaça hak _____9,5___________ manat
- kadalaşdyrylmadyk iş güni üçin töleg ____230,0_________ manat
- sürüjilik derejesi üçin tölegi _______690,______ ____ manat
- zähmet rugsady ___1698,65________ manat

Jemi: _____49343,45______ manat

Tutumlar**

- girdeji salgydy __________3963,83____ manat
- şäheri abadanlaşdyrmak ___________72,0______ manat
- pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlar ___________271,47___ manat
- saglyk ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlar _____________292,47____ manat
- kärdeşler arkalaşygyna gatançlar ___________493,44___ manat
- Dem partiýa agzalyk gatançlary ___________71,34____ manat
- Agro partiýa ___________91,60____ manat
- beýleki tutumlar ____________________ manat
- Töleg sanawnamasy boýunça hakujy ____________________ manat

Jemi: ___________5256,15____ manat

Berilmeli möçberi (pul möçberi san bilen we ýazmaça görkezilýär) _44087,30_
_(Kyrk dört müň segsen ýedi manat 30 teňňe)___________________
Çegiň belgisi ______________

Edaranyň ýolbaşçysy (goly)

Baş buhgalter (goly)

**Möhürsiz**

Gazna we pudaklaýyn bölüminiň jogapkär işgäriniň
berlen resminamalaryň laýyk gelýändigi baradaky belligi
Gazna bölüminiň jogapkär işgäriniň familiýasy we goly
Gazna bölüminiň dörtburç möhüri

*, ** Zähmet hakyny hasaplap ýazmagyň ähli görnüşlerniň doly aýdyňlaşdyrmasy getirilýär.

Bellik: Şu tertibiň 2-nji goşundysynda Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmen Döwlet serhet gullugynyň, Türkmenistanyň milli howpsyzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlyk gullugynyň, Türkmenistanyň Migrasiýa gullugynyň, Türkmenistanyň Gümrük gullugynyň işgärleriniň meýilnama boýunça stat birligi we hakyky işgär sany görkezilmeýär.

Eger kepilnama hakujy almak üçin düzülýän bolsa, onda bu barada kepilnamanyň başynda bellik edilýär.